Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!


# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№ 13 (96) 2024-nji ýylyň 10-njy maýy




## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***1-nji maýda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rustemowany 70 ýaş toýy bilen tüýs ýürekden gutlady.

* * *

***3-nji maýda*** Daşary işler ministrliginde utgaşykly görnüşde «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň birinji mejlisi geçirildi.

Mejlisiň dowamynda «Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlyk etmegiň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamasyny» işläp taýýarlamak boýunça «Ýol kartasy» tassyklanyldy hem-de ýaşlar syýasaty, sanlylaşdyrma, demografiýa, «ýaşyl» energetika, howanyň üýtgemegi ýaly ugurlar boýunça 8 sany taslama seredildi.

* * *

***4-nji maýda*** TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Gahrymany, ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary Çynar Rustemowanyň 70 ýaş toýy mynasybetli dabara geçirildi. Oňa wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidentiniň orunbasary, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýerine ýetiriji direktory Rejep Bazarow, diplomatik gullugyň wekilleri, institutyň professor-mugallymlary we talyp ýaşlary gatnaşdylar.

* * *

***7-nji maýda*** daşary işler ministriň orunbasary M.Bäşimowa Türkmen-Awstriýa jemgyýetiniň başlygy Neda Berger bilen duşuşdy.

Taraplar Türkmenistan bilen Awstriýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini nygtamak bilen, iki ýurduň medeniýet we sungat işgärleriniň bilelikde işjeň gatnaşýan çäreleriniň ähmiýeti dogrusynda nygtadylar. Şeýle-de söhbetdeşler türkmeniň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan çärelere awstriýa tarapynyň gatnaşmagy bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

* * *

***8-nji maýda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatyndaky kuwwatlylygy bir gijegündizde 30 müň kub metr bolan Ýaşlyk suw arassalaýjy desgasynyň hem-de Ahal welaýatyndaky ýylda 1 million tonna sement öndürmäge niýetlenen Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň açylyş dabaralaryna gatnaşdy.

*Syýasy habarlar*

* * *

***8-9-njy maýda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň çakylygy boýunça 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygy mynasybetli guralan dabaralara hormatly myhman hökmünde gatnaşmak üçin Russiýa Federasiýasynda iş saparynda boldy.

Hormatly Prezidentimiziň Russiýa Federasiýasyna şu gezekki sapary häzirki döwürde täze itergi berlen we many-mazmun taýdan baýlaşdyrylan netijeli döwletara gatnaşyklary okgunly ösdürmekde nobatdaky ädimdir.

* * *

***8-nji maýda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlady.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### «DIPLOMATIK PROTOKOL» ATLY ÝÖRITELEŞDIRILEN OKUW MERKEZINIŇ ILKINJI TAPGYRY ÜSTÜNLIKLI TAMAMLANDY

2024-nji ýylyň 3-nji maýynda TDIM-iň Halkara gatnaşyklary institutynda «Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkezini üstünlikli tamamlan ilkinji hünärmenlere ýörite şahadatnamalary gowşurmak dabarasy geçirildi. 1-nji martda öz işine başlan ýöriteleşdirilen okuw merkeziniň okuwyny ilkinji tapgyrda hünärmenleriň 15-si tamamlady. Oňa gatnaşyjylar iki aýyň dowamynda daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň, milli diplomatik gullugyň wekilleriniň, halypa diplomatlarymyzyň ylmy hem-de köpýyllyk tejribä esaslanýan sapaklaryny geçdiler.

«Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkeziniň okuwyny üstünlikli tamamlan ilkinji hünärmenlere Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ýörite şahadatnamalary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

### ТВОРЧЕСКАЯ ВСТРЕЧА

3 мая 2024 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась творческая встреча со старшим преподавателем этого вуза, известным литературоведом страны, кандидатом филологических наук, поэтом Баба Сарыевым. Встреча была посвящена теме «Махтумкули и литература в настоящее время». В нем приняли участие преподаватели и студенты института. В ходе встречи Баба Сарыев поделился интересной информацией о творчестве Махтумкули Фраги.

### SUCCESS IS THE FRUIT OF HARD WORK

From April 27 to 29, 2024, the Uzbekistan Open 2024 sports tournament was held in Urgench, Republic of Uzbekistan. The national team of our country took part in it along with other countries. Dawut Nazmyradov, an athlete of the national team of Turkmenistan in karate-do, a 3rd year student of the Faculty of International Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, successfully performed in this competition. Dawut Nazmyradov took first place in the weight category up to 75 kg among athletes under the age of 21 and won a gold medal.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

*The Turkmen delegation participated in an educational program in the United States*

# NEW EXPERIENCES AND VALUABLE LESSONS

The relations between two states in the field of political studies, in accordance with political conditions or the requirements of time, are divided into various development stages. In this regard, the scientific-educational agreements and cooperation established in the foreign policy strategy successfully implemented by our esteemed President are reaching qualitatively new levels in the current historical era. From April 24 to May 6, 2024, the Turkmen delegation participated in an educational program in the United States as part of the "Open World" program to enhance international scientific cooperation, exchange ideas, and experiences.

### *America is a world's dream*

It should be emphasized from the beginning that our study trip was a trip has become a starting point that initiated new beginnings and new horizons. America is a world's dream. Our delegation was warmly welcomed in the American capital – Washington. On April 25, an introductory meeting organized by the Congressional Office for International Leadership (COIL) was held at the United States Library of Congress. American experts spoke at the meeting and discussed the "Open World" program, its international importance, as well as international science and education, cooperation, and American culture. On the same day, a tour of the US Capitol and the White House was organized.

Along the shores of the Pacific Ocean…

It is noteworthy that the experiences and meetings held as part of our educational program in California, known as the "Golden State" or the 31st state of the United States, are significant. Approximately 75 nationalities reside in California, located on the western coast of the country. What particularly caught our attention was the official motto of each state. California's motto is "Eureka," a phrase well known to historians and mathematicians, as it refers to a famous exclamation by the ancient Greek mathematician, physicist, and inventor Archimedes. "I found it!" There is also a city in California named after this word: Eureka. Said to express joy when a difficult problem is solved, it means that this American state occupies an important place in history and in the modern world. The Turkmen delegation got acquainted with this information during a trip to San Francisco, California.

On April 28, the next destination for the Turkmen delegation was California's capital city, Sacramento, where they stayed at the residences of the members of Rotary Club. The




delegation attended a conference of the Rotary Club and became acquainted with the activities of this community organization. The visit to the city of Walnut Creek was also significant.

### *Mutual experiences – a foundation for perfection*

The educational program also focused on establishing contacts with journalists. On April 29, the delegation met with the editorial staff of the "Mother Jones Magazine" in San Francisco. The chief editor, Monika Bauerlein, introduced the delegation to the editorial work of the magazine. Subsequently, the delegation had a discussion with professors and students of the School of Business and Journalism at the University of San Francisco. On April 30,



the Turkmen delegation visited the Communications and Journalism Department of Diablo Valley College in Pleasant Hill, California, and had a substantive discussion with the faculty and students. Michael Levitin, the editor-in-chief of "The Inquirer," provided insights into the structure of the newspaper and the work it carries out. Later, the delegation had discussions with editors, journalists, and editorial staff of various newspapers and magazines.

The discussions with the staff of "ABC7" television station in San Francisco, the faculty and students of the Communication and Journalism Department of Los Medanos College in Pittsburg, and the editors and editorial staff of various newspapers and magazines in the libraries of Benicia and San Rafael were also fruitful. It is evident that exchanging ideas and experiences with our American counterparts and enhancing bilateral cooperation is highly beneficial.

In general, the study tour of the Turkmen delegation to the United States under the Open World program was a trip of mutual respect and opened a new page in the history of friendly cooperation.

***Mahriban GANDYMOVA,***
***the Instructor of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan***

# Watana baglanan ykbal

### ýa-da halypa zenanyň ömre sygyp, kagyza sygmajak durmuş ýoly hakda

Durmuşda ynsan çagalykda ene-atanyň terbiýesi astynda ulalýar, jemgyýetde bolsa ony akymyň ugry bilen sazlaşykly alyp gitjek halypa mätäç bolýar. Türkmen diplomatiýasynda hem ýaş diplomatlary hünär ussatlygyna ýetirmekde nusgawy halypa diplomat-ilçiler ýolbaşçy hökmünde çykyş edýärler. Türkmenistanyň Gahrymany, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary, alym zenan Çynar Rustemowa öz ömrüni Watan gullugyna, halkynyň abadançylygyna bagyş edip, Türkmenistanyň daşary syýasatyny öz ykbalyna baglan halypa diplomatdyr. Diplomat zenan türkmen diplomatiýasynyň häzirki we geljekki neslini taýýarlamak bilen olary watançylyk ruhunda terbiýeläp, diplomatiýanyň inçe syrlaryny we öz tejribe ýoluny öwredip gelýär.

Şu ýerde ömrümde ýatdan çykmajak pursada ýüzlenesim gelýär. 2022-nji ýylda tomusky önümçilik-tejribeligimi ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň Sekretariatynda geçip başladym. Şol ýerde meýletinçi hökmünde öz diplomatik hünäriminiň ilkinji öýjügini düzmegime halypa diplomatyň sebäp bolandygy şek-şübhesizdir. Türkmenistanyň demirgazygynda ösüp-ulalan ýaş ýigidiň şeýle abraýly derejelere eýe bolan, birnäçe ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň abraýyny halkara arenasynda goraýjylaryň, ilkinji zenan diplomatlaryň biri Çynar Rustemowanyň ünsüne düşmegi ynsanyň durmuş sahypasyny bezeýän ajaýyp wakalaryň biridir. Şu geçen sanlyja ýylyň içinde halypadan öwrenen diplomatiýa sungatynyň inçe tärleri mende bu kärä bolan söýgini has-da artdyryp, Türkmenistan döwletimiziň wepaly ogly bolup, halkara derejesinde Watanymyzyň abraýyny tug edinip, başymyzda götermek ýaly asylly maksadyň ilkinji kerpiçlerini kalbymda goýdy.

Ç.Rustemowa bize ähli ugurlarda nusgalyk görelde bolmak bilen, häzirki wagtda hem öz işjeňligini hem birjik-de peseltmeýär. Halypa ussat Türkmenistan döwletimiz bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde irginsiz zähmet çekip, guramanyň maksatnamalaryny we taslamalaryny ýurdumyzyň bilim-ylym, sport, medeniýet pudaklaryna ornaşdyrmakda, şeýle hem milli we transmilli hödürnamalary taýýarlap, halkymyzyň asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçirip gelýän milli gymmatlyklaryny ÝUNESKO-nyň sanawlaryna



goşmak babatynda saldamly işleri alyp barýar. Bu bolsa halypa zenanyň kalbynda Watan mukaddesliginiň alawlap ýanýandygyny ony hemişe duýup ýaşaýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Elbetde, hiç bir zat unudylmaýar, hiç bir zat ünsden düşürilmeýär. Çeken yhlasly zähmeti üçin halypa diplomatyň 2021-nji ýylda Türkmenistanyň iň ýokary döwlet sylagyna «Türkmenistanyň Gahrymany» diýen belent derejä eýe bolmagy hem Ç.Rustemowanyň bütin ömrüni Watanyna bagyş eden diplomatik ýoluna goýulýan uly hormatyň we sarpanyň nyşanydyr. Megerem, asyl diplomatyň agramly gymmatlygy hem şundadyr...

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Ç.Rustemowa öz diplomatik ýolunyň dowamynda Türkmenistan döwletimiziň beýleki daşary ýurt döwletleri bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryny durmuşa geçirmekde asyra barabar işleri amala aşyrdy. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Hytaý Halk Respublikasy, Wýetnam Halk Sosialistik Respublikasy, Koreýa Respublikasy, Mongoliýa, Täjigistan Respublikasy ýaly Gündogar döwletlerinde Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi diýen belent derejäni göterip, türkmeniň wepaly zenanynyň görelde mekdebini döretdi. Ýene bellemeli zatlaryň biri hem, agzybir maşgalany saklap, Watana wepaly gulluk etmek bilen öz ykbalynda bu iki jogapkärçilikli wezipeleri sazlaşdyrmak arkaly asylly türkmen zenanyň keşbini özüne siňdirmegi başardy. Bu bolsa halypanyň adynyň türkmen diplomatiýasynyň taryhynda ilkinjileriň hatarynda ilçi zenan hökmünde altyn harplar bilen ýazylmagyna getirdi.

Türkmen ýaş diplomatlarynyň halypasy Ç.Rustemowa bu ýyl ynsan ömrüniň ajaýyp döwrüne gadam basyp, 70 ýaş ýubileý toýuny toýlaýar. Halypa diplomat öz amal edýän işleri bilen Watana hyzmat etmegiň ýaş çäginiň ýokdugyny aňryýany bilen subut edýär. Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň halypa diplomata doglan güni mynasybetli Gutlag hatyny ibermegi Ç.Rustemowanyň ömür ýolunda diplomatik ussatlygyna ýetip, Watanymyzyň ösüşine önjeýli goşandynyň sarpalaýandygynyň alamatydyr. Türkmen diplomatiýasyna berilýän ünsüň aýdyň şaýadydyr.

Şu pursatda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halkara derejesinde at-abraýyny gorap, ony belende göterýän türkmen diplomat zenany Ç.Rustemowany doglan güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys we halypa uzak ömür, maşgala abadançylygyny, Watan tuguny hemişe belentden parladyp, Türkmenistanyň halkara abraýyny üpjün etmekde alyp barýan işlerinde hemişe üstünlikleriň ýar bolmagyny arzuw edýäris.

***Kuwwat MÄMEDOW,***
***Halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň meýletinçisi.***

*Türkmenistanyň Gahrymany, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary Çynar Rustemowa 1954-nji ýylyň 1-nji maýynda Lebap welaýatynyň Darganata etrabynda doguldy.*

# Halypa goýulýan belent sarpa

2024-nji ýylyň 25-nji iýulynda Amangeldi Rahmanowyň doglan gününe 80 ýyl, diplomatik işine 50 ýyl we halkara ylmy işine bolsa 58 ýyl dolýar. Diplomatiýada geçmişden geljege tarap külterlän ýolunda bu uly halypa diňe bir çäkde däl, eýsem, amaly diplomat, alym-diplomat, dilçi hem mugallym hökmünde ýurdumyzyň ösüşine güýçli itergi berýän ençeme ugurlar boýunça iň ýokary derejelere çykmagy başardy. Türkmen diplomatlarynyň ençemesiniň halypasy özüniň döredijilikli diplomatik, ylmy işleri bilen bir hatarda, hemişe netijeli halypa-şägirtlik işini hem alyp bardy we ol şu günki gün özüniň ýetişdiren ýa-da täsiri arkaly kemala gelen ýüzlerçe şägirt-hünärmenlerine guwanýar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryndan başlap, Amangeldi Rahmanow Türkmenistanyň döwlet işgäri, ýokary derejeli ussat diplomaty we görnükli halkaraçy-alymy hökmünde dünýäniň ençeme döwletleriniň ýokary derejeli diplomatlarynyň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Şu günki gün Amangeldi Rahmanow diýlende, ýurdumyzyň raýatlarynyň arasynda diplomatiýa babatda Watanymyzyň bähbitleriniň hatyrasyna örän köp iş bitiren bu pähimli ýaşuly diplomaty tanamaýanlar ýok bolsa gerek.

Ýetip gelýän şanly senesi mynasybetli hormatlanýan, mähriban mugallymymyzyň adyna onuň kärdeşlerinden, şägirtlerinden, ony gönüden-göni, hatda gaýybana tanaýan raýatlardan gelip başlan gutlaglarda halypamyz barada dürli oý-pikirler ýöredilýär, ozaly bilen bolsa oňa berk jan saglyk arzuw edilýär. Biz hem öz gezegimizde «Ýaş diplomatyň sesi» gazetimiziň şu sanynda okyjylarymyzy gelip gowşan şol gutlaglaryň käbirleri bilen tanyş etmegi makul bildik.

## Halypama guwanýaryn

Ýurdumyzda diňe bir uly nesliň däl, eýsem, kiçi nesliň aňly-düşünjeli wekilleriniň arasynda Amangeldi Rahmanowy tanamaýanlar az bolsa gerek. XX asyryň 70-nji ýyllarynda Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işiniň ugurlaryny ilkinji bolup, ylmy taýdan düýpli esaslandyran bu ussat, meşhur diplomat we halkaraçy-alym gojany gaýybana tanaýanlar hem gaty köp. Hakykatdan hem, jemgyýetimiziň kämil şahsyýetiniň dünýewi garaýyşlaryna, onuň halkara meselelerinden ýokary ussatlyk bilen baş çykaryşyna, rus, iňlis ýaly dillerde gepleşikleri, türk, hytaý dillerinde söhbetdeşligi erkin, daşary syýasy meseleler boýunça çekişmeleri ýokary başarjaňlyk bilen alyp barşyna, halkara forumlarda eden ajaýyp çykyşlaryna, geljekki ýaş diplomatlara berýän «jadylaýjy» leksiýalaryna haýran, aşyk bolmaýan ynsan ýokmuka diýýärin.

Mende bu belli diplomat we halkaraçy-alym bilen didarlaşmak arzuwy baryp çagalykda, orta mekdepde okan ýyllarym döräpdi. Türkmen döwlet uniwersitetinde okuwa başlan ilkinji ýylymda bu gojanyň Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda zähmet çekýändigini eşitdim. Ýöne, meni her gezek çekinjeňlik, gorky gurşap alýardy. Barsam, ol meni kabul etmese diýen ýaly pikirler meni gurşap alýardy.

Her niçikde bolsa men göwnümi bire baglap, HGI bardym, rugsat sorap kabinete girdim. Ine, mylaýym ata mähri bilen meni bagryna basaýsam diýýän nurana goja... Bagyň miwesi näçe köp boldugyça, şahasy aşak diýlişi ýaly, ol özüni diýseň kiçigöwünli alyp barýardy. Umuman, onuň ýokary medeniýetiniň dürli alamatlaryny men onuň her bir aýdan sözünden çuňňur duýup başladym. Hususan-da, meşhur diplomatymyz meniň aýdanlarymy şeýle bir üns bilen diňleýärdi welin, hatda iň höwesjeň talyp hem mugallymyny şeýdip diňleýändir öýdemok. Bu üns bolsa uly halypanyň maňa goýýan sarpasydy.

Durmuşyň ähli basgançaklaryny adamkärçiligiň ýokary nusgasy, bilim we tejribe toplamak bilen pyýada ýöräp geçen ussat halypam Amangeldi aga gör, näçe adamyň ýokary hormatyna mynasyp bolandyr, alkyşyny alandyr. Men hem halypamy alkyşlaýaryn. Goý, Oňa ýene-de köp ýyllaryň dowamynda bize görelde, halypa bolup gezmek nesip etsin!

Bir gezek mugallymymyz, sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor Ö.B.Muhammetberdiýewiň öz leksiýalarynyň birinde meniň halypam barada gysgaça durup geçeni hem ýadymda. Şonda ol şeýle diýipdi: «Amangeldi Rahmanow meniň üçin nusgalyk ynsan, ussat diplomat, tanymal alym, pedagog, halypa hökmünde baky görelde bolup durýar».

Men hem özümi dünýäde iň bagtly ynsan hasaplaýaryn. Sebäbi, meniň ussat diplomat, meşhur alym halypam bar. Ol hem Amangeldi Rahmanow.

Halypam baradaky öz ýürek joşgunymy men goşguda hem okyjylaryň dykgatyna hödürleýärin.

*Bu dünýäde ençe, ençe ussatlar*
*Ýaşapdyrlar, ömrün zähmete berip.*
*Uly-kiçi diýmän, baý-garyp diýmän,*
*Basypdyrlar bagra gujagyn gerip.*



*Nijeme ýollary geçip käbirler,*
*Mynasyp bolýarlar şeýle derejä.*
*Agyr geler sap altyna deň bolmaz*
*Gymmatlyk ölçeýän adyl terezä.*

*Ýöne bir gymmat däl, ebedi gymmat,*
*Wagt geçse döwülmän saklanjak gymmat,*
*Modadan galmajak, ýüz öwrülmejek*
*Lezzetli, hözirli, hormatly nygmat.*

*Bardyr her bir halkyň ýetik baýlygy,*
*Şahyry, alymy, akly danasy.*
*Türkmenem gapyl galmaz wagtdan*
*Ösdüripdir ençe göwnejaýlary.*

*Bir hünär däl, ençesiniň eýesi*
*Bir ylym däl, ençesine höwesi,*
*Eýeläp durmuşda mynasyp ornun,*
*Gapýan ärleri bar ýiti nepesli.*

*Alym hem diplomat ençe kitaplaň,*
*Awtory bar, ýaşlarymyzyň ýanynda,*
*Ýeke özi tutup biler ýerini,*
*Gat-gat kitaplaryň, niçe sahaplaň.*

*Güler ýüzli, şirin sözli ol goja*
*Maňa mährem gollaryny uzatdy.*
*Adyn aýtsam ol, halypaň, baýlygyň,*
*Hormatlymyz Amangeldi ussatdy.*

*Kerwengeldi DURDYGULYÝEW,*
*hukukçy.*

## GUTLAG – TERJIMEHAL

*Belent bolsun Mertebäňiz,*
*Egsilmesin belent başyň*
*Arzuwly bolsun ertäňiz,*
*Gazal düzdüm, gutlap ýaşyň!*

*Bilim "ýaýlasyna" çykdym "seýrana",*
*"Ýaýlada" WATANÇYŇ ÝOLUNY gördüm.*
*Okuw-usulýetde galdym haýrana,*
*Amangeldi Rahman ogluny gördüm.*

*Taryp etsem, bu gün Amangeldini,*
*Daşary ýurt dillerini söýeni,*
*Bilimde, ylymda "awun" alany*
*Ýeten derejesin kemally gördüm.*

*Terjimeçilikde taplanan işi,*
*Gatnaşyk babatda göwherden gaşy,*
*Ylym "ummanynda" men diýen ýaşy,*
*Ýürekde beslänin amally gördüm.*

*Döwlet syýasatyň wagzyny edip,*
*Ylym äleminde berk gadam urup,*
*Taryh ylymlaryň doktory bolup,*
*Taplanan zehinli kemally gördüm.*

*Seljerildi döwletara gatnaşyk,*
*Taryhy pursatlar munda gatlaşyp,*
*Toplanan tejribe, yhlas sepleşip,*
*Kemally ilçini dowamly gördüm.*

*Daşary syýasat, durmuş akymy,*
*Ynanyldy Size döwlet amaly,*
*Gaýry ýurtda — BMG-niň wekili,*
*Doly ygtyýarly ilçi — jemally gördüm.*

*Ilçi bolduň, ençe ýurtlary gezdiň,*
*Ilçilik işiniň "bulguryn süzdüň",*
*Syýasat deňzinde näçe ýyl ýüzdüň"?!*
*Bitiren işleriň kemally gördüm.*

*Peder keşbi çekdi "bilim ýolunda",*
*Toplan tejribäňi berýäň iliňe,*
*Amal etdiň usullaryň känine,*
*Okuw-usulýýetiň kemally gördüm.*

*"Halkara gatnaşyk" bilim jaýynda,*
*"Miweleriň düwüp, bişýän bagynda",*
*Ilçi taýýarlamak Seniň oýuňda,*
*Islän "Meýilleriň" kemally gördüm.*

*Okatmaň, öwretmäň usulyn bilip,*
*Sapak berşiň täsin, minnetdar talyp,*
*Özleşdir mowzugy, köp many alyp,*
*Ýetişýäň şägirde dahylly gördüm.*

PS:

*Ýazan ylmy işiň kitaba "doldy",*
*Sogap iş, dowamat-dowamda boldy,*
*Maral ýeňňe mähir-söýgiňden gandy,*
*Kaka kesbin gyzyň Aýgülde gördüm.*

*Gadyryn bilmeli, şeýle ärleriň,*
*Watan gullugynda işde zorlaryň,*
*Halallygy söýýän, kalby päkleriň,*
*Maksada ýetişin kemally gördüm.*

*Akka GAZAKOW.*

*Sahypany taýýarlan: Ajaýyp NOBATOWA,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*III ýyl talyby.*

*Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана, профессор Амангельды Рахманов родился в самый разгар Второй Мировой войны – 25 июля 1944 года в селе Пешаналы Марыйского велаята.*

# «Parahatçylygyň ýaş çaparlary»:

## III möwsüminiň finalyndan galan täsirler

### Bir toý tutduk, älem galdy haýrana

Içilikde «Çarşenbe güni çar tarapa» diýilýär welin, biziň gezegimizde «Çar tarapdan» diýseňem boljak. «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň III



möwsüminiň final oýnuna gatnaşyjylar ýurdumyzyň çar künjünden geldiler. Institutymyz bu oýna uludan taýýarlyk gördi. Final gününiň öň ýany bäsleşigiň guramaçylyk toparyna girýän mugallymdyr talyplaryň hysyrdy-aladasyny synlanyňda, bir täsin ruhubelentlik seriňi gurşap alýardy. Olaryň «Ertirki alypbaryjylar taýýarmy?!», «Ertir kameralar irden gelýändir-ä», «Myhmanlar üçin ýerler tertiplendimi?!», «Ähli zady



ýene bir gez gözden geçiriň, ertir birden ýetmezçilik ýüze çykaýmasyn!» diýip, biri-birine aýdýan sözlerinden hem uly toýuň jogapkärçiligi duýulýardy.

...Toýumyz irden başlandy. Megerem, köpümiz üns beren bolsak gerek, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň her bir oýny sähetli gün geçirilýär. Bu gezegem şeýle boldy.

### Bäsdeşlikden gardaşlyga

Islendik bäsleşikde bolşy ýaly, final oýny güýçlüleriň meýdany bolýar. Möwsüminiň finalyna gatnaşan 8 sany ýaş çaparlaryň hem zehini, ukyp-başarnyklary biri-birinden zyýada geldi. «Göreçden görnüp dur kalpdaky ynam» diýlişi ýaly, olaryň özüne bolan ynamy gözlerinden görnüp durdy. Gürrüňimiz ýöne başga zat hakda. Final oýny başlamazyndan ozal, olaryň biri-biri bilen mähirli gürleşip durmaklary aýratyn özüne çekdi. Ynha, bir ýaş çapar daşyna beýleki bäsdeşlerini üýşürip taryhdan bir wakany gürrüň berip dur. Onuň: «Gürrüň edilýän waka XVIII asyryň 40-njy ýyllynda bolup geçendir, ýatdan çykaraýmaň!» diýen sözleri gulagyma ildi. Dogrusy, geň galdym, olar her näme diýseňem bäsdeşler ahyry. Final oýny jemlenenden soňra men hälki ýaş çaparyň ýanyna baryp: «Oýun başlamanka, siz beýleki ýaş çaparlara bir taryhy wakany ýatladyp durdyňyz, siz ýeňmek üçin ýaryşýarsyňyz, näme üçin bilýän zadyňyzy özüňizde saklaman, paýlaşdyňyz?! Siz bäsdeşler ahyry...» diýenimde, onuň maňa: «Ýok, biz bäsdeşler däl! Biz — gardaşlar! Bu bäsleşik bizi dost eýledi, dogan eýledi. Bu ýerde ýeňilýän ýok, biziň hemmämizem ýeňiji! Çünki biz — Parahatçylygyň ýaş çaparlary ahyry» diýip, jogap bermegi haýran galdyrdy.

### «Hudaý berse sagadatly bir perzent»

«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilmegi aýratyn mana eýe. Möwsümiň ähli oýunlarynyň içinden Magtymguly Pyragynyň ömri, döredijiligi baradaky sowallar eriş-argaç bolup geçdi. Ýaş çaparlar akyldar şahyrymyzyň goşgularyny diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem, dünýäniň ençeme dillerinde ýatdan aýtmaklary hem aýratyn bellärlikli.

Final oýnuny görmek üçin gelen ene-atalaryň gözlerindäki perzentlerine bolan buýsançlary bir görsediňiz. Olar öz deňlerinden geçip, sapaklaryna barýan talyp ýaşlary synlap: «Ylaýym, biziň çagalarymyz hem şular ýaly talyp bolsun!» diýip dileg edýärdiler. Bäsleşigiň final oýnunyň ýeňijileriniň sylaglanyş dabarasynda bir ýaş çaparyň ejesi öz sözüni şeýle jemläpdi: «Ýaşlara okamaga, zehinlerini açmaga ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun! Döwleti işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!».

### Ýaş çapar

*Ähli duşuşyklaň üýtgewsiz ýeri —*
*Ak öý,*
*Bu gün öňküsinden üýtgeşik.*
*Ýaş çaparlar häzirlenip dur,*
*Ynha,*
*Aýgytly menzile düşdi bäsleşik.*

*Ýok!*
*Bäsleşik däl bu!*
*Bu bir puryja,*
*Bu bir ykballary özgerdýän pursat!*
*Zehinli ýaş çaparlara ser salyp,*
*Buýsançdan püre-pür dolýandyr gursak!*

*...Ýaş çapar sowala jogap berip dur,*
*Ol saýrap dur özge dilde bilbil dek!*
*Jogap dogry!*
*Ýöne ýeňşine çenli,*
*Oguz hanyň altyn ýaýyna çenli,*
*Ol niçe menzili geçmeli, entek!*

*Ak öý — diplomatik dünýä bosaga,*
*Bu günki ýaş çapar — ertir diplomat!*
*Beýik ynamymyz, maksadymyz şol,*
*Bu pelsepe biziň üçin berk binýat!*

*Her halk bir göwündir, bu dünýä içre*
*Ony gözläp, yhlas eden bagt tapar.*
*Göwünden göwüne uzaýan ýolda*
*Gadamlaryň batly bolsun, Ýaş çapar!*

«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň final oýnunyň netijeleri:

3-nji orna Aşgabat şäheriniň 108-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Güljemal Orazowa;

Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň iňlis dili, fizika we matematika derslerine ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Müsür Gutlymyradowa;

Aşgabat şäherindäki 86-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Aýmyrat Kakaýew;

Aşgabat şäheriniň 16-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Medine Myratberdiýewa;

2-nji orna Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumy bilim berýän mekdep-internatynyň 10-njy synp okuwçysy Jeýhun Hojageldiýew;

Lebap welaýatynyň Kerki etrabynyň 35-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Gülaýym Bakyýewa;

1-nji orna Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 52-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Resul Baýmyradow;

Baş baýraga hem-de Göçme kuboga Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 41-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Aýlar Jumaýewa mynasyp boldy.

***Taýýarlan Gurbansähet GURBANSÄHEDOW, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

***«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsümi «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty – umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly şygar bilen geçirildi.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
Täzegül KULJIKOWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa.
Fotohabarçy: K.Akmämmedow.
Korrektor: A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com